# TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

**«TASSYKLAÝARYN»**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň**
**rektory ____________M.Çaryýew**
**______________2025 ý.**

## Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda nemes dili boýunça II olimpiadyny guramak we geçirmek barada DÜZGÜNNAMA

### I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda nemes dili boýunça II olimpiadany (mundan beýläk Olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksatlaryny, wezipelerini we tertibini kesgitleýär;

1.2. Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldawy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan geçirilýär;

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki üpjünçiligi utgaşdyrmak Olimpiadanyň guramaçysy tarapyndan alnyp barylýar.

### II. Olimpiadanyň maksatlary

2.1. “Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda” kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek;

2.2. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edilen “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny amala aşyrmak;

2.3. “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan” gelip çykýan wezipeleri amala aşyrmak;

2.4. Okuwçylaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek we kämilleşdirmek;

2.5. Olarda nemes dilini öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak we olary hünär saýlamaga ugrukdyrmak.

### III. Olimpiadanyň wezipeleri

3.1. Umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň nemes dilini özleşdirişiniň umumy derejesini we aragatnaşyk saklamak ukybyny barlamak;

Scanned with CamScanner

3.2. Nemes dilinde aragatnaşyk we sözleýiş endiklerini (gürlemek, ýazmak, diňlemek we okamak) ösdürmek we kämilleşdirmek;

3.3. Daşary ýurt dillerini, hususan-da nemes dilini oňat bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we olaryň ukyplaryny artdyrmak.

## IV. Guramaçylyk topary

4.1. Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň başlygy, kätibi we agzalary girýär;

4.2. Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;

4.3. Türkmenistanyň Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýat bilim müdirlikleriniň, şäher we etrap, şäher bilim bölümleriniň, umumybilim berýän orta mekdepleriň wekilleri bilen Olimpiadany guramaçylykly geçirmek boýunça aragatnaşyk saklaýar.

## V. Olimpiada gatnaşyjylar

5.1. Olimpiada Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylary gatnaşýar.

5.2. Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär.

5.3. Olimpiada gatnaşmak meýletin we tölegsiz esasda amala aşyrylýar.

– Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýän okuwçy 2025-nji ýylyň 26-njy fewralyna çenli hasaba alynmaly. Munuň üçin umumybilim berýän mekdebiň müdiri Olimpiada gatnaşmak isleýän okuwçylarynyň sanawyny Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** ýerleşdirilen *Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumatyny* ýükläp almaly (1-nji goşundy) we görkezilen tertibe laýyklykda doldurup, elektron görnüşinde 2025-nji ýylyň 26-njy fewralynda (soňky gün) sagat 18:00-a çenli Olimpiadanyň Guramaçylyk toparynyň **maral.deutsch@gmail.com** elektron salgysyna ugratmaly.

– Soralýan ähli maglumatlar anyk we dogry görkezilmeli.

– Gatnaşyjynyň hasaba alnandygy barada maglumat we hasaba alnan belgisi 24 sagadyň dowamynda gatnaşyjynyň mekdebiniň elektron salgysyna ugradylýar.

– Hasaba alnan okuwçylaryň Olimpiada gatnaşygyny üpjün etmek üçin degişli mekdebiň müdiri jogapkärçilik çekýär.

## VI. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

6.1. Olimpiada 2 tapgyrda geçirilýär.

6.2. I tapgyr Internetiň üsti bilen nemes dilinde esse ýazmak görnüşinde 2025-nji ýylyň 28-nji fewralynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

– 2025-nji ýylyň 28-nji fewralynda sagat 14:00-da institutyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** essäniň temasy yglan edilýär;

– her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça nemes dilinde özbaşdak esse ýazmaly;

– ýazylan esse şeýle işlerden edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk

Scanned with CamScanner

gelmeli;

– essäni ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;

– berlen wagtdan (28.02.2025; 17:00) gijä galyp ugradylan işler Guramaçylyk topary tarapyndan kabul edilmeýär;

– Olimpiadanyň I tapgyrynyň netijeleri we II tapgyra geçen okuwçylaryň sanawy 2025-nji ýylyň 7-nji martynda institutyň resmi internet saýtynda datmddi.edu.tm yglan edilýär.

6.3. Olimpiadanyň II tapgyry 2025-nji ýylyň 15-nji martynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň binasynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

– I tapgyrda iň ýokary netije görkezen 25 okuwçy olimpiadanyň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar;

– II tapgyr 2025-nji ýylyň 15-nji martynda sagat 10:00-da institutyň Sanly bilim portalynda nemes dili boýunça test görnüşinde geçirilýär;

– Test nemes dilinde okaýyşa, diňlemä, grammatika degişli 10 ýumuşdan ybarat bolup, onuň ýerine ýetirilmegine 90 minut wagt beriler;

– Gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;

– Her bir gatnaşyja testi geçmek üçin bir mümkinçilik berilýär;

– Testi geçmek bilen gazanylan baha awtomatik usulda hasaplanylýar;

## VII. Ýeňijileri yglan etmek we sylaglamak

7.1. Guramaçylyk topary I we II tapgyrlaryň netijeleriniň jemi esasynda Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitleýär.

7.2. Olimpiadanyň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Diplomy we ýadygärlik sowgatlar, olary taýýarlan mugallymlar institutyň Hormat haty bilen sylaglanýar hem-de olaryň sanawy institutyň resmi internet saýtynda yglan edilýär.

Habarlaşmak üçin: maral.deutsch@gmail.com

Maral Ekäýewa: +99364378998

Scanned with CamScanner

**1-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda nemes dili boýunça II olimpiada Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumaty**

| T/b | Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Doglan güni, aýy, ýyly | Bilim alýan orta mekdebiniň salgysy | | | Okaýan synpy | Okuwçyny olimpiada taýýarlaýan mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Işleýän ýeri we wezipesi | Okuwçynyň telefon belgisi | Mugallymyň telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Welaýat | Etrap/ şäher | Mekdep belgisi | | | | | |
| 1. | Ataýew Ata Ataýewiç | 01.01.2007 | Ahal | Tejen | 22 | 12 | Meredow Meret Meredowiç | 22-nji orta mekdebiniň nemes dili mugallymy | +99365010101 | +99365020202 |
| 2. | | | | | | | | | | |
| 3. | | | | | | | | | | |
| **Mekdebiň elektron poçtasynyň salgysy:** ____________ | | | | | | | | | | |

**BELLIK:**

1) Gatnaşyjynyň hasaba alyş maglumaty 26.02.2025ý. senede sagat 18:00-a çenli kabul edilýär, maglumat **maral.deutsch@gmail.com** salga ugradylmaly;
2) Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumatynyň excel görnüşindäki elektron nusgasy **datmddi.edu.tm** sahypadan ýükläp almaly;
3) Hasaba alnan okuwçylaryň Olimpiada gatnaşygyny mekdebiň müdiri gözegçilikde saklamaly.

Scanned with CamScanner

**2-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň
XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda
nemes dili boýunça II olimpiada**

**I tapgyrda nemes dilinde ýazylýan esseden edilýän talaplar**

1. 2025-nji ýylyň 28-nji fewralynda sagat 14:00-da Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** essäniň temasy yglan edilýär;
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça nemes dilinde esse ýazmaly;
3. Esse her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly;
4. Esse öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; emeli aňyň (ChatGPT, Gemini, GPTalk...) mümkinçiliklerinden peýdalanmak gadagan; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenmeli;
5. Essäniň söz sany **400** sözden az we **500** sözden köp bolmaly däl (essäniň ady söz sanyna girmeýär);
6. Esse Times New Roman şriftde, 14 pt ölçegde ýazylmaly, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we **.doc, .docx** görnüşde ýatda saklanylmaly;
7. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi we familiýasy (25001_Amanow) görnüşinde ýatda saklanmaly;
8. Esse ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;
9. Esse mazmuny, pikiriň beýan edilişiniň yzygiderliligi, nemes edebi diliniň ýazuw kadalarynyň berjaý edilişi boýunça bahalandyrylýar;
10. Esse 2025-nji ýylyň 28-njy fewralynda sagat 17:00-a çenli Guramaçylyk toparynyň garamagyna **maral.deutsch@gmail.com** elektron salga ugradylmaly;
11. Görkezilen wagtdan gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär.

Scanned with CamScanner